Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň
2022-nji ýylyň 9-njy dekabrynda çykaran 394-iş belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Döwlet emlägini bäsleşik esasynda ynançly dolandyrmaga bermek hakynda şertnamanyň mysaly görnüşini tassyklamak barada»**

"Döwlet emlägini ynançly dolandyrmak hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynyň 14-nji bendinde bellenen talaplary ýerine ýetirmek, şeýle hem döwlet emlägini ynançly dolandyrmak bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Döwlet emlägini bäsleşik esasynda ynançly dolandyrmaga bermek hakynda şertnamanyň mysaly görnüşini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň degişli orunbasary gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Serdarow**

Türkmenistanyň Maliýe we
ykdysadyýet ministriniň
2022-nji ýylyň 9-njy dekabrynda
çykaran 394-iş belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**DÖWLET EMLÄGINI BÄSLEŞIK ESASYNDA YNANÇLY DOLANDYRMAGA BERMEK HAKYNDA**
**ŞERTNAMA**
**(mysaly görnüşi)**
**№ ______**

20___-nji ýylyň _______aýynyň _______ Aşgabat ş.

“Döwlet emlägini ynançly dolandyrmak hakynda” Türkmenistanyň Kanuny we ____________________________________________________________________

(hereket etmek üçin ygtyýarlyk berýän namanyň ady, kabul edilen senesi, belgisi)

esasynda hereket edýän we mundan beýläk “Eýeçiligiň eýesi” diýlip atlandyrylýan, ____________________________________________________________________

(eýeçiligiň eýesiniň ady we salgysy)

____________________________________________________________________
onuň adyndan __________________________________________________________
(wezipeli adamyň ady, atasynyň ady, familiýasy)
_____________________________________________________bir tarapdan
we mundan beýläk “Ynançly dolandyryjy” diýlip atlandyrylýan ____________________________________________________________________

(ýuridik şahsyň doly ady we salgysy, hereket etmek üçin ygtyýarlyk berýän namasy)
____________________________________________________________________
____________________________________________________________________

esasynda hereket edýän, onuň adyndan ______________________________________
(ynançly dolandyryjynyň ynanylan wekiliniň ady,
_____________________________________________________beýleki tarapdan,
(atasynyň ady, familiýasy we wezipesi, ynanç hatynyň belgisi we berlen senesi)
bilelikde “Taraplar” diýlip atlandyrylýanlar aşakdakylar barada şu şertnamany baglaşdylar.

## 1. Şertnamanyň predmeti

1.1. “Eýeçiligiň eýesi”_____________________________________________
(ynançly dolandyrmaga berilýän döwlet emlägi,
_____________________________________(mundan beýläk - “Döwlet emlägi”) ___________________________________emlägiň düzümi, iş görnüşi)
“Ynançly dolandyryja” ynançly dolandyrmaga berýär.

“Ynançly dolandyryjy”____________________________________________
(ynançly dolandyrmaga berilýän döwlet emlägi, emlägiň düzümi, iş görnüşi)
_______________________________________________________________
“Eýeçiligiň eýesinden” ynançly dolandyrmak üçin alýar.
-

**2. Şertnamanyň bahasy we hasaplaşyklaryň tertibi**

2.1. Ynançly dolandyrmaga berilýän “Döwlet emlägine” baha kesmek netijesinde kesgitlenen bazar bahasy______________________________________
_________________________________________________ manatdan ybarat.
2.2. “Ynançly dolandyryja” tölenilýän hak-heşdegi______________________
(möçberleri we görnüşi)
_______________________________________________________________

**3. Taraplaryň hukuklary we borçlary**

3.1. “Eýeçiligiň eýesi” şu aşakdakylara hukuklydyr:
3.1.1. ynançly dolandyrmaga berlen “Döwlet emläginiň” bitewüligini we abatlygyny barlamaga;
3.1.2. ynançly dolandyrmaga berlen “Döwlet emläginiň” işi bilen bagly maglumatlary almaga;
3.1.3. paýdarlaryň we gatnaşyjylaryň umumy ýygnagynda “Ynançly dolandyryjynyň” ygtyýarlyklarynyň durmuşa geçirilişine gözegçiligi amala aşyrmaga;
3.1.4. “Ynançly dolandyryjy” tarapyndan şertnamanyň şertleriniň berjaý edilişini barlamaga.
3.2. “Eýeçiligiň eýesi” şulara borçludyr:
3.2.1. “Ynançly dolandyryja” döwlet emlägini şertnamada göz öňünde tutulan möhletlerde bermäge;
3.2.2. “Ynançly dolandyryja” hak-heşdek tölemäge we onuň şertnamada göz öňünde tutulan zerur çykdajylarynyň öwezini dolmaga.
3.3. “Ynançly dolandyryjy” şu aşakdakylara hukuklydyr:
3.3.1. şertnama laýyklykda “Eýeçiligiň eýesiniň” ýa-da onuň görkezen şahsynyň (bähbit görüjiniň) bähbitlerine islendik ýuridik we hakyky hereketleri amala aşyrmaga;

3.3.2. döwlet emlägini ynançly dolandyrmak boýunça täjirçilik meýilnamasynyň ýerine ýetirilmeginiň barşynda öndürilen önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) nyrhlaryny kesgitlemäge, kärhananyň gurluş düzümini we wezipe sanawyny kesgitlemäge we ony tassyklamaga hem-de işgärleri ýerli-ýerinde goýmagy amala aşyrmaga;

3.3.3. şertnamada göz öňünde tutulan hak-heşdegiň tölenilmegine, şeýle hem döwlet emläginiň ulanylmagyndan alnan girdejileriň hasabyna, ýöne degişli döwür üçin girdejileriň 20 (ýigrimi) göteriminden köp bolmadyk mukdarda ynançly dolandyran mahalynda zerur bolan eden çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyna;

3.4. “Ynançly dolandyryjy” şulara borçludyr:

3.4.1. döwlet emläginiň bitewüligini we abatlygyny üpjün etmäge;

3.4.2. döwlet emlägini ynançly dolandyrmak boýunça täjirçilik meýilnamasyny ýerine ýetirmäge hem-de onda göz öňünde tutulan girdejililigi üpjün etmäge;

3.4.3. şertnama laýyklykda döwlet emlägi babatda özüniň “Ynançly dolandyryjy” hökmünde hereket edýändigini görkezmäge;

3.4.4. şertnamada bellenilen möhletlerde we tertipde öz işi barada “Eýeçiligiň eýesine” hasabat bermäge;

3.4.5. döwlet emlägini dolandyrmak boýunça zerur (ynançly dolandyryja) çykdajylarynyň möçberini “Eýeçiligiň eýesi” bilen ylalaşmaga;

3.4.6. döwlet emlägini beýleki emläkden aýrybaşgalamaga we aýratyn hasabynda görkezmäge;

3.4.7. döwlet emlägini dolandyrmak boýunça özbaşdak hasap ýöretmäge we hasaplaşyklar üçin aýratyn bank hasabyny açmaga;

3.4.8. özüne berlen döwlet emlägini dolandyrmak boýunça hukugyny başga şahsa bermezden özi amala aşyrmaga;

3.4.9. döwlet emlägini ynançly dolandyran wagtynda döwlet emlägini ynançly dolandyrmak boýunça täjirçilik meýilnamasyna laýyklykda hasaplanýan elden giderilen peýdanyň we emlägiň könelişmegini hasaba alyp, emlägiň ýitmegi we oňa zeper ýetmegi zerarly ýetirilen ýitgileriň öwezini “Eýeçiligiň eýesine” dolmaga;

3.4.10. şertnamada bellenen möhletlere we şertlere laýyklykda, döwlet emlägini “Eýeçiligiň eýesine” gaýtarmagy üpjün etmäge.

*Bellik:*

*1.“Ynançly dolandyryjy” paýdaryň (jemgyýete gatnaşyjynyň) hukuklaryny amala aşyrýan bolsa, onda şertnamada goşmaça şu aşakdaky borçlar görkezilmelidir:*

*1) beýleki ýuridik şahslaryň esaslyk maýalaryna gatnaşmak barada çözgüdini “Eýeçiligiň eýesi” bilen ylalaşmaga;*

*2) döwlet emläginiň bazar bahasynyň 20 (ýigrimi) we şondan hem köp göterimini düzýän iri geleşikleri ýa-da birnäçe özara baglanyşykly geleşikleri baglaşmak barada çözgüdini “Eýeçiligiň eýesi” bilen ylalaşmaga.*

*2. “Ynançly dolandyryjy” emläk toplumyny dolandyran bolsa onda şertnamada goşmaça şu aşakdaky borçlar görkezilmelidir:*

*1) emläk toplumynyň, onuň aýry-aýry düzüm böleklerini hem goşmak bilen, göçürilmegi meselesini “Eýeçiligiň eýesi” bilen ylalaşmaga;*

*2) döwlet emläginiň düýpli abatlanylmagy üçin harajatlaryny "Eýeçiligiň eýesi" bilen ylalaşmaga;*

*3) hususy aktiwler bilen üpjün etmegiň hasabyna karz serişdelerini çekmegi meselesini "Eýeçiligiň eýesi" bilen ylalaşmaga;*

*4) döwlet emlägini dolandyrmak boýunça zerur çykdajylaryň möçberi meselesini "Eýeçiligiň eýesi" bilen ylalaşmaga.*

## 4. Hasabatlylyk

4.1. "Ynançly dolandyryjy" "Eýeçiligiň eýesine" şu Şertnama boýunça amala aşyrýan işi barada hasabat döwründen soň aýyň 5-ne çenli hasabatyny gijä galman berýär.

4.2. "Ynançly dolandyryjy" "Eýeçiligiň eýesine" her aýda "Döwlet emläginiň" ýagdaýy we ondaky üýtgetmeler baradaky hasabaty berýär, şunda bulary tassyklaýan ähli resminamalary hasabatyň ýanyna goşmalydyr.

## 5. "Eýeçiligiň eýesi" tarapyndan "Ynançly dolandyryja" kepillik gatanjyny gaýtarmagyň möhletleri we şertleri

5.1. Bäsleşigiň netijesi boýunça ynançly dolandyrmaga berilýän "Döwlet emläginiň" kepillik gatanjy (üpjünçiligi) hökmünde geçirilen "Döwlet emläginiň" bazar bahasynyň on göterimi bolan, ýagny___________________________________
___________________________________________________________________

(pul möçberi sanlar we harplar bilen beýan edilmeli )

möçberindäki kepillik gatanjy "Ynançly dolandyry" tarapyndan şu Şertnama boýunça borçnamalar doly ýerine ýetirilende gaýtarmak şerti bilen "Eýeçiligiň eýesine" geçirilýär.

5.2. Kepillik gatanjy "Ynançly dolandyry" tarapyndan şu Şertnama boýunça borçnamalary doly ýerine ýetirilen gününden soň 10 (on) senenama gününiň dowamynda onuň bank hasabyna nagt däl görnüşinde geçirmek arkaly "Eýeçiligiň eýesi" tarapyndan gaýtarylýar.

## 6. "Ynançly dolandyryjynyň" "Döwlet emlägini" ynançly dolandyrmakda eden çykdajylarynyň öwezini dolmagyň möçberleri we tertibi

___________________________________________________________________

*Bu şertler aşakdakylary göz öňünde tutmak bilen "Taraplaryň" ylalaşygy esasynda kesgitlenilýär.*

*"Ynançly dolandyryjynyň" dolandyrmak boýunça çykdajylarynyň öweziniň dolunmagy:*

*1) paýnamalar boýunça, şertnamada göz öňünde tutulan möhletlerde ynançly dolandyrmaga berlen paýnamalar boýunça bar bolan diwidentleriň hasabyna;*

*2) paýlar boýunça, şertnamada göz öňünde tutulan möhletlerde ynançly dolandyrmaga berlen paýdan ýetýän arassa peýdanyň hasabyna;*

*3) emläk toplumyny dolandyrmak boýunça, şertnamada göz öňünde tutulan möhletlerde döwlet emläginiň ulanylmagyndan alnan girdejileriň hasabyna amala aşyrylýar.*

## 7. "Taraplaryň" günäsi bilen "Eýeçiligiň eýesine" we "Ynançly dolandyryja" ýetirilen ýitgileriň öwezini dolmagyň şertleri

7.1. "Tarap" beýleki "Tarapyň" **günäsi bilen** özüne **ýetirilen ýitgileriň** öwezini Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 14-nji maddasyna esaslanyp, doly tölenilmegini talap edip biler.

## 8. "Eýeçiligiň eýesi" tarapyndan barlaglary geçirmek

___________________________________________________________________________

___________________________________________________________________________

___________________________________________________________________________

*Bellik: Şu bölekde Taraplaryň arasynda ylalaşylyp barlagy geçirmegiň ýygylygy, ýylda bir gezekden az bolmadyk şerti bilen, ynançly dolandyrylýan eýeçiligiň görnüşinden ugur alnyp barlagyň aýratynlyklary bellenilmäge degişli.*

## 9. "Taraplaryň" jogapkärçiligi

9.1. Şu Şertnamada göz öňünde tutulan borçnamalary ýerine ýetirilmedik ýa-da göwnejaý ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda, "Taraplar" Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

9.2. "Ynançly dolandyryjy" "Eýeçiligiň eýesiniň" bähbitleriniň zyýanyna amala aşyran hereketleriniň netijesinde, şeýle hem öz borçnamalaryny ýerine ýetirmändigi ýa-da talabalaýyk ýerine ýetirmändigi zerarly ýetirilen ýitgiler üçin jogapkärçilik çekýär we "Eýeçiligiň eýesine" döwlet emlägini ynançly dolandyran wagtynda döwlet emlägini ynançly dolandyrmak boýunça täjirçilik meýilnamasyna laýyklykda hasaplanýan elden giderilen peýdanyň we emlägiň könelmesini hasaba alyp, emlägiň ýitmegi we oňa zeper ýetmegi zerarly ýetirilen ýitgileriň öwezini dolmaga borçludyr.

9.3. "Ynançly dolandyryjy" döwlet emlägi ynançly dolandyrylan mahalynda üçünji şahslar bilen özara gatnaşyklarda jogapkärçiligi hem çekýär.

## 10. Şertnamanyň möhletini uzaltmagyň we möhletinden öň ýatyrmagyň şertleri

10.1. Şu şertnamanyň möhletini uzaltmak, şertlerini üýtgetmek “Taraplaryň” şu Şertnamanyň on üçünji böleginde görkezilen möhletiniň tamamlanmazyndan öň “Taraplaryň” biriniň beýleki “Tarapa” ýazmaça habarnamasy esasynda şu Şertnama goşmaça ylalaşyk baglaşmak arkaly ýerine ýetirilýär.

10.2. Şertnama “Taraplaryň” biriniň başlangyjy boýunça möhletinden öň ýatyrylan ýagdaýynda, (eger Şertnamada başgaça bellenilmedik bolsa), ol bu barada azyndan üç aý öňünden beýleki tarapy habarly etmelidir.

10.3. “Taraplaryň” biriniň Şertnama boýunça öz borçnamalaryny ondan ýüz dönderen ýagdaýynda şertnamanyň bes edilmegine beýleki tarapyň bu barada şu şertnamanyň bes ediljek pursatyndan 3 (üç) aý öň duýdurylan şertinde ýol berilýär.

10.4. Şertnama şu ýagdaýlarda ýatyrylýar:

1) taraplaryň biriniň şertnama boýunça şertleri we borçnamalary ýerine ýetirmändigi ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirmändigi üçin beýleki tarap şertnamany möhletinden öň ýatyrmak barada ýüz tutan halatynda;

2) “Ynançly dolandyryjy” ýatyrylanda, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde onuň batyp galan diýlip ykrar edilen ýagdaýynda;

3) “Ynançly dolandyryjy” döwlet emlägini ynançly dolandyrmagy amala aşyrmakdan ýüz dönderende;

4) “Eýeçiligiň eýesi” tarapyndan şertnamadan ýüz dönderilende, “Ynançly dolandyryja” şertnamada kesgitlenen hak-heşdegiň tölenen hem-de degişli çykdajylarynyň öwezi dolunan şertinde amala aşyrylýar;

5) şertnamanyň hereket edýän möhleti tamamlananda, eger şertnama taraplaryň ylalaşygy boýunça uzaldylmadyk bolsa;

6) “Eýeçiligiň eýesi” ýa-da “Ynançly dolandyryjy” tarapyndan şertnamada göz öňünde tutulan şertleriň we borçnamalaryň ýerine ýetirilmändigi ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirilmändigi bilen bagly kazyýetiň çözgüdi kabul edilende.

## 11. Jedelleriň çözülmegi

11.1. “Taraplar” şu Şertnama boýunça ýüze çykýan jedelleri kazyýete çenli nägilelik bildirmek we özara düşünişmek tertibinde berjaý etmek hakynda ylalaşdylar. Nägilelikler ýönekeý ýazmaça görnüşde bildirilýär. Nägileliklere garamagyň möhleti – onuň alnan pursatyndan başlap 10 (on) iş güni bolup duryar. Ylalaşylmadyk düşünişmezlikler Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetinde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gutarnykly çözülmäge degişlidir.

## 12. Fors mažor

12.1. Ýeňip geçip bolmaýan güýçleriň netijesi bilen ýüze çykan ýagdaýlaryň bolandygy we “Taraplara” bagly bolmadyk sebäpleriň netijesinde Şertnama boýunça borçlar möhletinde berjaý edilmändiginde (fors-mažor) “Taraplaryň” günäsiniň bolmadyk halatynda, Şertnama boýunça borçnamalaryň berjaý edilmeli möhleti şol ýagdaýlaryň dowam edýän döwründe togtadylýar we şeýle ýagdaýlaryň

netijesinde ýetirilen zyýanyň möçberinden ugur alnyp, Şertnamanyň möhletine täzeden seredilip bilner.

12.2. Eger “Taraplaryň” borçnamalaryny berjaý edip bilmezligi fors-mažor ýagdaýlaryň netijesinde bolandygy subut edilen halatynda, olar öz borçnamalaryny doly berjaý etmändigi üçin jogapkärçilikden boşadylýarlar.

12.3. Fors-mažor ýagdaýlara salgylanýan “Tarap” şeýle ýagdaýlaryň başlanan senesinden ýa-da şeýle hadysalaryň başlanandygy belli bolan gününden 5 (bäş) senenama gününiň dowamynda beýleki “Tarapa” ýazmaça habar bermelidir. Fors-mažor ýagdaýlaryň barlygynyň, olaryň dowamlylygynyň degişli subutnamasy hökmünde bu işleri amala aşyrmaklyga ygtyýary bolan edaralar, guramalar, kärhanalar tarapyndan berlen kepilnamalary bolup durýar.

## 13. Şertnamanyň hereket edýän möhleti

13.1. Şu Şertnama “Taraplaryň” oňa gol çeken pursatyndan güýje girýär hem-de _______________________________________________çenli hereket edýär.

*Bellik: Eger-de şertnamanyň predmeti gozgalmaýan emläk bolup durýan bolsa, onda ol Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gulluk tarapyndan Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet sanawynda bellige alynmaga degişlidir we şertnama bellige alnan pursatyndan başlap baglaşylan diýlip hasap edilýär.*

13.2. Şertnamanyň möhletiniň tamamlanmagy «Taraplary» onuň bozulandygy üçin jogapkärçilikden boşatmaýar.

## 14. Jemleýji düzgünler

14.1. Şu şertnamanyň bes edilen ýagdaýynda ynançly dolandyrylan “Döwlet emlägi” “Eýeçiligiň eýesine” ________________________________ günüň
(san we harp bilen beýan edilmeli)
dowamynda gaýtarylyp berilýär.

14.2. Şu Şertnama, şol sanda onuň goşundylaryna, islendik üýtgetmeler we goşmaçalar ýazmaça görnüşde (goşmaça ylalaşyk görnüşinde) “Taraplar” tarapyndan gol çekilen pursatyndan güýje girýärler.

*Bellik: Eger-de şertnamanyň predmeti gozgalmaýan emläk bolup durýan bolsa, şu şertnama degişli ähli üýtgetmeler we goşmaçalar diňe olar döwlet tarapyndan bellige alnandan soň güýje girýär.*

14.3. Döwlet emlägini ynançly dolandyrmak boýunça täjirçilik meýilnamasy şertnamanyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

14.4. Şertnama deň hukuk güýjüne eýe bolan 2 (iki) asyl nusgada türkmen dilinde düzülýär we “Taraplaryň” her birinde saklanylýar.

**15. “Taraplaryň” hukuk salgylary we bank maglumatlary:**

| “Eýeçiligiň eýesi” | “Ynançly dolandyryjy” |
|---|---|
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| ______________________ | ______________________ |
| 20___ý. «__» __________ | 20___ý. «__» __________ |
| M.Ý. ________________ (goly) | M.Ý. ________________ (goly) |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2023-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda 1678 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.